**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 10-njy oktýabryndaky**
**№ 95 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-yi «Aspiranturanyň we doktoranturanyň işi barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## Umumy düzgünler

№ 1-yi «Aspiranturanyň we doktoranturanyň işi barada hasabat» formany aspiranturasy we (ýa-da) doktoranturasy bolan we aspirantlary we (ýa-da) doktorantlary taýýarlamagy amala aşyrýan eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki ýuridiki taraplar we olaryň aýratynlandyrylan bölümçeleri tabşyrýarlar. Forma aspirantlaryň we doktorantlaryň kabul edilendigi, geçirilendigi, çykarylandygy barada buýruklaryň we beýleki resminamalaryň esasynda senenama ýyly üçin doldurylýar.

Formanyň salgy bölegi aşakdaky tertipde doldurylýar:

«Hasabat tabşyrýan hojalyk subýektiniň ady» setirde bellenen tertipde bellige alnan esaslandyryjy resminamalara laýyklykda doly ady, soňra skobkanyň içinde guramanyň gysgaldylan ady görkezilýär;

Aspirantlar, goraýjylar ylmy pudaklar we hünärler boýunça paýlananda ylmy işgärleriň hünärleriniň Sanawyna gollanmaly. Hasabatyň ähli bölümleri doldurylanda görkezilen Sanawdan peýdalanmaly.

## 1 BÖLÜM.
### ASPIRANTLARYŇ UMUMY SANY, KABUL EDIŞ WE GOÝBERILIŞ

1-nji bölümde hasabat ýylynda aspirantura kabul edilenleriň sany, aspirantlaryň hakyky goýberleni we ýylyň ahyryna olaryň sany görkezilýär.

Aspirantura – ýokary okuw mekdebinden soň hünär bilimi ulgamynda ylmy-mugallymçylyk we ylmy işgärleri taýýarlamagyň esasy görnüşidir.

Ýokary hünärmenlik bilimi bolan we aspiranturada okaýan we ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa taýýarlaýan adam aspirant hasaplanylýar.

Aspirantlary taýýarlamak ylmy işgärleriň hünärleriniň hereket edýän sanawyna laýyklykda ylmy pudaklar we ylmy hünärler boýunça amala aşyrylýar. Aspiranturada okamak okuwyň gaýybana däl we gaýybana görnüşli boýunça amala aşyrylýar.

1-nji bölümde ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini goraýjylaryň sany hasaba alynmaýar.

01 setirde assistent-stažýor, stažýor-mugallymlary, ugradýan tarapyň hasabyna okaýan aspirantlary (şertnamalar, kontraktlar, ylalaşyklar) goşmak bilen aspirantlaryň sany görkezilýär.

Aspirantlaryň umumy sanyndan (01 setirden) assistent-stažýorlaryň we stažýor-mugallymlaryň (02 setir) aýal-gyzlaryň (03 setir) aýratynlykda sany görkezilýär.

Assistent-stažýorlar we stažýor-mugallymlar barada maglumatlar kabul ediş amala aşyrylan ÝOJ-laryň hasabatlarynda aspirantlaryň umumy sanyna goşulýar (01 setir).

Aspirantlaryň umumy sany (04 setir) ylmy pudaklar we hünärler boýunça paýlanylýar. Şonda ilki bilen degişli ylmy pudak görkezilýär, soňra bu pudaga girýän hünärler sanalýar. Hünärler boýunça maglumatlar her bir pudagyň çäklerinde jemlenýär. Ylmy pudaklar boýunça jemler 01 «hemmesi» setiriň maglumatlaryna deň bolmaly.

Assistent-stažýorlar we stažýor-mugallymlar barada maglumatlar ähli hünärler boýunça aspirantlaryň sanyna we her bir ylmy pudak boýunça jemlere goşulýar, diňe (şol sanda) ylmy pudaklar boýunça tapawutlandyrylýar.

Hasabat ýylynda aspirantura kabul edilenleriň sany 1 sütünde görkezilýär. Aspirantura gaýtadan dikeltmek ýa-da başga edaralardan geçirmek tertibinde kabul edilenler kabul edilenleriň (1 sütün) sanyna goşulmaýar.

Hasabat ýylynda aspirantlaryň hakyky goýberleni görkezilýär:

2 sütünde – hemmesi, 3 sütünde – şolardan dissertasiýany goranlar;

Ýylyň ahyryna aspirantlaryň sany 4 sütünde görkezilýär.

Aspirant taýýarlygy döwründe (ýagny kabul etmek barada buýrukda görkezilen aspiranturanyň möhletiniň çäklerinde) dissertasiýany goranlar barada maglumatlaryň olaryň dissertasiýany haýsy edarada goranlygyna garamazdan, olaryň okan edaralarynyň hasabatynda 1 bölümde dissertasiýany goramak bilen tamamlanlaryň sanynda görkezilýänligini göz öňünde tutmaly.

Dissertasiýany aspirant taýýarlygy möhletiniň çäklerinden daşarda goranlar barada maglumatlar olaryň dissertasiýany goran edarasynyň hasabatynda 3 bölümde kandidatlyk dissertasiýasyny goranlaryň sanynda görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## ASPIRANTLARYŇ SANYNYŇ HEREKETI

2 bölümde aspirantlaryň sanynyň hereketi görkezilýär.

Ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini goraýjylaryň sany bu bölümde hasaba alynmaýar.

Ýylyň başyna aspirantlaryň sany 1 sütünde görkezilýär.

2 bölümiň 2 sütüninde hasabat ýylynda aspirantura kabul edilenleriň sanyndan (1 bölüm, 01 setir, 1 sütün) hasabat ýylynda ÝOJ-y tamamlanlar görkezilýär.

3 sütünde gaýtadan dikeltmek tertibinde ýa-da beýleki edaralardan geçirmek tertibinde aspirantura kabul edilenler görkezilýär ( kabul edilenleriň sanyna 1 bölümde 4 sütünde bu san goşulmaýar).

4 sütünde hasabat ýylynda dürli sebäplere görä aspiranturany tamamlaman giden aspirantlaryň umumy sany görkezilýär.

5 sütünde aspirantlaryň umumy sanyndan (1 bölüm 01 setir 4 sütün) bellenen möhletden köp wagt taýýarlyk geçen aspirantlaryň sany görkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## YLMY EDARALARYŇ (GURAMALARYŇ) DISSERTASION GEŇEŞLERINDE KANDIDATLYK WE DOKTORLYK DISSERTASIÝALARYNY GORAMAK

Ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini goraýjy – özbaşdak (aspiranturadan daşary) kandidatlyk dissertasiýanyň üstünde işleýänler we bellenilen tertipde bu ylym edara (ýokary okuw mekdebe) berkidilenler.

Ýokary hünärmenlik bilimi bolan, aspiranturasy we (ýa-da) doktoranturasy bolan edara ýa-da gurama berkidilen we aspiranturada okamazdan ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini goramak üçin dissertasiýa taýýarlaýan ýa-da ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesi

bolan we ylymlaryň doktory alymlyk derejesini goramak üçin dissertasiýa taýýarlaýan adam goraýjy hasaplanylýar.

3 bölümde olaryň nirede okanlygyna – şol edaranyň ýanynda aspiranturada (ÝOJ-da) ýa-da başga bir ylmy edaranyň ýanynda aspiranturada (ÝOJ-da) okaýanlygyna garamazdan, ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini goraýjylaryň we şol ylmy edarada (ÝOJ-da) alymlar geňeşlerinde kandidatlyk dissertasiýasyny goranlaryň sany barada maglumatlar görkezilýär.

1, 6 sütünlerde ýylyň ahyryna ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini goraýjylaryň sany görkezilýär.

2, 7 sütünlerde hasabat ýylynda şol ylmy edaranyň ylmy geňeşinde kandidatlyk dissertasiýasyny goranlaryň umumy sany, şol sanda aşakdakylaryň sany görkezilýär:

3, 8 sütünlerde – goraýjylaryň sany;

4, 9 sütünlerde – hasabat ýylyndan öň aspirantlyk taýýarlygyny geçenleriň sany;

5, 10 sütünlerde – hasabat ýylynda dissertasiýa goramazdan aspiranturadan goýberlenleriň sany.

Hasabat ýylynda dissertasiýany goraman aspiranturany tamamlanlar, ýöne ony hasabat ýylynyň dowamynda şol edarada goranlar hasabatda iki gezek görkezilýär: 3 bölümde 5, 10 sütünde – aspirant taýýarlygynyň möhletleriniň çäklerinden daşarda dissertasiýany goranlar hökmünde we 1 bölümde 2 sütünde - dissertasiýany goraman aspiranturany tamamlanlar hökmünde görkezilýär.

Ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini goraýjylaryň we ylmy edaralarda (ÝOJ-da) kandidatlyk dissertasiýasyny goranlaryň umumy sanyndan 02 setirde aýal-gyzlar görkezilýär.

1-10 sütünlerde 01 setiriň görkezijileri ylmy pudaklar boýunça paýlanylýar. «Ç» sütünde ylmy hünärleriň kody görkezilýär.

## 4 BÖLÜM.
## ASPIRANTLARA YLMY ÝOLBAŞÇYLYK

01 setirde 1 sütünde esasy iş ýerine garamazdan, aspirantlary taýýarlamagy amala aşyran ylmy ýolbaşçylaryň hemmesi hasaba alynýar.

Ylmy ýolbaşçylaryň umumy sanyndan (2-5 sütüniň 01 setiri) dosentiň, professoryň, alymlyk atlary, habarçy agza we akademik (ylymlar akademiýasynyň hakyky agzasy) ady bolan ylmy ýolbaşçylaryň umumy sany tapawutlandyrylýar.

4, 5 sütünlerde diňe Türkmenistanyň habarçy agzalary we akademikleri (ylymlar akademiýasynyň hakyky agzasy) görkezilýär.

03-06 setirlerde ylmy ýolbaşçylaryň umumy sanyndan (01 setir) ylymlaryň kandidaty we ylymlaryň doktory alymlyk derejesi bolan ýolbaşçylar barada maglumatlar görkezilýär.

Ylmy ýolbaşçylaryň umumy sanyndan (01 setir, 1-5 sütünler) 02, 04, 06 setirlerde aýal-gyzlar görkezilýär.

**1 güwänamada** hasabat ýylynyň ahyryna ýaş toparlary boýunça dolan ýaşynyň sany boýunça aspirantlaryň sany paýlanyp görkezilýär. 07 setirde aspirantlaryň umumy sanyndan (1 bölüm 01 setir 4 sütün) aşakdaky ýaş toparlaryndaky aspirantlar görkezilýär: 26 ýaşa çenli (goşmak bilen), 27-30 ýaş, 31-34 ýaş, 35-38 ýaş, 39 ýaş we ondan uly.

Aspirantlaryň umumy sanyndan (08 setir) aýal-gyzlar aspirantlary görkezilýär.

08 setir boýunça 1-5 sütünleriň maglumatlarynyň jemi 1 bölümiň 03 setiri boýunça 4 sütüniň maglumatlaryna deň.

## 5 BÖLÜM.
## DOKTORANTLARYŇ UMUMY SANY, KABUL EDIŞ WE GOÝBERILIŞ

5 bölümi ýokary hünär derejeli ylmy-tehniki işgärleri – ylymlaryň doktorlaryny taýýarlamagyň gaýybana däl formasy bolup durýan ýanynda doktoranturalar açylan ylmy edaralar (ÝOJ-lar) doldurýar.

Ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesini we ylymlaryň doktory alymlyk derejesini goraýjylar üçin dissertasiýa taýýarlamak üçin doktorantura kabul edilen ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesi bolanlar doktorant hasaplanylýar.

Bölümde doktorantura kabul edilenleriň sany, doktorantlaryň hakyky goýberlenleri, hasabat ýylynda doktoranturany tamamlamanka çykanlaryň sany, hasabat ýylynyň ahyryna doktorantlaryň sany görkezilýär.

1 sütünde hasabat ýylynda doktorantura kabul edilenleriň sany görkezilýär.

2 sütünde hasabat ýylynda doktorantlaryň hakyky goýberleni, 3 sütünde – şolardan dissertasiýany gorap tamamlanýanlar görkezilýär.

4 sütünde hasabat ýylynda dürli sebäplere görä doktoranturany tamamlamanka çykanlaryň sany görkezilýär.

5 sütünde ýylyň ahyryna doktorantlaryň sany görkezilýär.

1-5 sütünlerde 01 setiriň görkezijileri ylmy pudaklar boýunça işlenip taýýarlanylýar. «Ç» sütünde ylmy hünäriň kody görkezilýär. Doktorantlaryň umumy sanyndan (01 setir) aýal - gyzlar görkezilýär (02 setir).

**5 bölüme 2 güwänamada** hasabat ýylynyň ahyryna ýaş toparlary boýunça doktorantlaryň paýlanyşy görkezilýär.

04 setirde doktorantlaryň umumy sanyndan (5 bölüm 01 setir 5 sütün) aşakdaky ýaş toparlaryndaky doktorantlar görkezilýär: 39 ýaşa çenli (goşmak bilen), 40-49 ýaş, 50-59 ýaş, 60 ýaş we ondan uly.

Doktorantlaryň umumy sanyndan ähli ýaş toparlary boýunça doktorant aýal - gyzlar görkezilýär (05 setir).

04 setirde 1-4 sütünleriň maglumatlarynyň jemi 5 sütüniň 01 setiriniň maglumatlarynyň jemine deň; 05 setirde 1-4 sütünleriň maglumatlarynyň jemi 5 sütüniň 02 setiriniň maglumatlarynyň jemine deň.

## 6 BÖLÜM.
## FIZIKI WE ÝURIDIKI TARAPLAR BILEN GÖNI ŞERTNAMALAR BOÝUNÇA KABUL EDILEN ASPIRANTLARYŇ WE DOKTORANTLARYŇ SANY

6 bölümde aspirantlaryň we doktorantlaryň umumy sanyndan fiziki we ýuridiki taraplar bilen göni şertnamalar boýunça kabul edilen aspirantlaryň we doktorantlaryň sany görkezilýär.

01 setirde 1-3 sütünlerde aspirantlaryň umumy sanyndan (1 bölüm 01 setir 4 sütün) aşakdakylar görkezilýär:

1 sütünde – ýylyň ahyryna göni şertnamalar boýunça kabul edilen aspirantlaryň sany görkezilýär;

2 sütünde – aspirantlaryň hakyky goýberleni - hemmesi, 3 sütünde – şolarda dissertasiýany goranlar görkezilýär.

4-6 sütünlerde doktorantlaryň umumy sanyndan (5 bölüm 01 setir 5 sütünde) aşakdakylar görkezilýär:

4 sütünde - ýylyň ahyryna göni şertnamalar boýunça kabul edilen doktorantlaryň sany görkezilýär;

5 sütünde – hasabat ýylynda göni şertnamalar boýunça kabul edilen doktorantlaryň hakyky goýberleni görkezilýär - hemmesi;

6 sütünde – şolardan dissertasiýany goranlar.

Fiziki we ýuridiki taraplar bilen göni şertnamalar boýunça kabul edilen aspirantlaryň we doktorantlaryň umumy sany (1-6 sütünler boýunça 01 setir) ylmy pudaklar boýunça paýlanylýar (02 setir).

**Durmuş statistikasy müdürligi**